Umumy bilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň aňynyň ösüşini kämil derejede kemala getirmek mugallymlaryň esasy maksadydyr. Küşt oýny pikirleniş işini tejribedäki hereketler bilen baglanyşdyrmaga, meseläniň şertini we çözüliş ädimlerini aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär. Küşt tagtasynyň bary-ýogy 64 öýjükden ybaratdygyna garamazdan, matematikada küşt we küşt tagtasy bilen baglanyşykly gyzykly, biri-birine meňzemeýän meselelere duş gelmek bolýar.
Küşt — diňe bir gyzykly oýun bolmak bilen çäklenmän, akyly ösdürmegiň serişdesidir.
Küşt oýny bilen matematikanyň arasyndaky baglanyşyk uludyr. Birinjiden, matematik bilen küştçiniň pikirleniş usuly ýakyn. Tagtadaky çöpleriň ýagdaýyna çözüwini ähli mümkin bolan ýagdaýlaryň köplüginden amatly usuly saýlamak arkaly tapmaly mesele hökmünde seredip bolar. Matematikanyň meselelerini çözmekde hem, köplenç, şu usuldan peýdalanylýar.
Ikinjiden, küşt we matematika akyl terbiýesini ösdürýär, özbaşdak pikirlenmäge höwes döredýär, meseleleri dürli usullar bilen döredijilikli çözmek endiklerini kämilleşdirýär.
Öňden belli göçümleri gaýtalamak bilen belli küştçi bolup bolmaýar. Edil şonuň ýaly, pikirlenmegi we oýlanmagy başarmasaň, matematikada üstünlik gazanyp bolmaýar.
Küşt oýnaýan çagalar gowy adamçylyk sypatlaryny kemala getirmekde esas bolup durýan maksat, serişde, sebäp, usul, göreş, ýörelge, hasap, ýalňyşlyk, şowsuzlyk, üstünlik, şeýle hem gözellik, zähmet, jogapkärçilik, ýeňiş ýaly çuň manyly düşünjeleri ulanýarlar. Bu düşünjeleriň manysyna akyl ýetirýärler. Küşt oýny çagalara her bir göçümiňi berk pikirlenmegi, öz ýagdaýyňa seljerme bermegi, göz öňüne getirmegi öwredýär. Bu endikler çagalara durmuşyň soňky basgançaklarynda hem dogry netije çykarmaga kömek edýär.
Geçirilen barlaglar başlangyç synplarda küşt bilen meşgullanýan çagalaryň oňat sanaýandygyny, düşünmek we kabul etmek endikleriniň ösendigini, okuwa gyzyklanmasynyň ýokary derejelidigini görkezdi. Ýetginjeklere akyl terbiýesini bermekde hem küşt oýnunyň ähmiýeti uludyr. Oýun ýetginjeklerde gaharjaňlygy bäsdeşlik aň bilen çalyşmaga, mekdep derslerine ýetişigini gowulandyrmaga, öz-özüňi bahalandyrmagy ýokarlandyrmaga kömek edýär.
Küşt oýny çagalara tekizlikde ugur saýlamaga, analitik pikirlenişi ösdürmäge ýardam edýär, ýatkeşligi, ünsi, deňeşdirmäni, özbaşdaklygy kämilleşdirýär.
Küşt oýny çagalarda sporta bolan söýgi bilen bilelikde ylym-bilime bolan gyzyklanmanyň ösmegini üpjün edýär. Bu oýun çagalaryň beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösmegine itergi berýär. Küşt oýny bilen gyzyklanýan çagalarda gözellik terbiýesi, akyl terbiýesi we zähmet terbiýesi biri-biri bilen baglanyşyklylykda ösýär, kämilleşýär.

**Arzygül BÄŞIMOWA**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.11.2024